**Türkmenistanyň Prezidenti Serdar BERDIMUHAMEDOW:**
– Ýokary sportda Türkmenistany dünýä tanatmak meniň esasy maksatlarymyň biridir

# TALYP SPORTY

Talyp ýaşlaryň jemgyýetçilik-syýasy we ylmy-publisistiki neşiri

Esaslandyryjysy – Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport instituty

Dekabr, 2025ý. 12-nji sany.
Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly



## ÝYLYŇ ADY BEDEW BADY

Halkymyzyň kalbynda müdimi orun alan, asyrlaryň dowamynda milli buýsanjy we şöhraty bolup gelen ahalteke bedewi diňe bir at däl, eýsem ol biziň ata-babalarymyzdan miras galan gymmatly medeni hazynamyzdyr. Bu behişdi bedew, türkmen halkynyň taryhynyň, medeniýetiniň, däp-dessurlarynyň we ruhy gymmatlyklarynyň aýrylmaz bölegidir. Onuň gözelligi, ýyndamlygy, wepalylygy we çydamlylygy dünýäde deňi-taýy bolmadyk at tohumy hökmünde ykrar edilýär. Halkymyzyň watançylyk duýgularynyň, ynsanperwerlik ýörelgeleriniň kemala gelmeginde bedewleriň aýratyn orny bardyr. Türkmen halkynyň bedewlere bolan gatnaşygynda ynsan bilen tebigatyň bitewiligini, sagdynlyk, ruhubelentlik, nesil terbiýesi ýaly gymmatlyklara döredijilikli çemeleşilýän durmuş esaslarynyň beýanyny görmek bolýar. Bu gatnaşyk asyrlaryň dowamynda kämilleşip, türkmenleriň durmuş ýörelgesiniň aýdyň mysalyna öwrülipdir. Bedew atlar türkmen topragynyň tebigaty bilen sazlaşykda ösüp, özüniň deňsiz-taýsyz häsiýetlerini kemala getiripdir.

Dünýäde gözelligi we ýyndamlygy boýunça deňi-taýy bolmadyk iň ajaýyp bedewler – ahalteke atlary türkmen topragynda ösdürilip ýetişdirilýär. Bu atlar özüniň syrdamlygy, ýüpek ýaly ýelekleri, gamyşgulaklygy we ýalpyldawuk reňki bilen dünýäniň atşynaslaryny haýran galdyrýar. Ahalteke bedewi diňe bir daşky görnüşi bilen däl, eýsem özüniň akyllylygy, wepalylygy we eýesine bolan çäksiz baglylygy bilen hem tapawutlanýar. Bu häsiýetler türkmen halkynyň atlara bolan çuňňur söýgüsiniň we olary kämilleşdirmek üçin çeken zähmetiniň netijesidir.

Ata-babalarymyz türkmen bedewleriniň ruhy dünýämizde tutýan ornuny dürli nakyllaryň, dessanlaryň, şadessanlaryň, şygyrlaryň üsti bilen beýan edipdirler. «At ýagşysy atanyňky, don ýagşysy enäniňki» ýaly nakyllar atyň türkmen durmuşyndaky ähmiýetini aýdyň görkezýär. Görogly begiň Gyraty, Şasenemiň Meleguşy ýaly dessanlardaky at keşpleri türkmen halkynyň atlara bolan söýgüsiniň we olaryň gahrymançylykly hereketlerindäki ornunyň aýdyň mysalydyr. Bu edebi eserler atyň diňe bir ulag serişdesi däl, eýsem ynsanyň wepaly dosty, ýoldaşy we ruhy goldawy bolup durýandygyny görkezýär. Şahyrlarymyz öz goşgularynda ahalteke bedewiniň gözelligini, ýyndamlygyny we mertebesini wasp edip, ony milli buýsanjymyzyň nyşany hökmünde beýan edipdirler. Bu edebi miras biziň ata-babalarymyzyň atlara bolan çuňňur hormatyny we söýgüsini geljek nesillere ýetirýär.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe watandaşlarymyz «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan bedew batly at-myradyň mekany» diýen şygar astynda geçjek 2026-njy ýyly mynasyp garşylady. Bu şygar ýurduň ösüşiniň ýokary depginini, milli maksatlaryň we arzuwlaryň bedew batly öňe gitmegini alamatlandyrýar. Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň parasatly baştutanlygynda bu ýylda-da Watanymyza bedew batly ösüşleriň ýaran boljakdygyna tüýs ýürekden ynanýarys. Bu ynam, ýurduň ähli pudaklarynda gazanylýan üstünliklere, amala aşyrylýan giň möçberli özgertmelere we halkyň ýaşaýyş-durmuş şertleriniň yzygiderli gowulandyrylmagyna esaslanýar. Halkymyzyň bagtyýarlygyna beslenýän täze taryhy döwürde hormatly Prezidentimiziň we Gahryman Arkadagymyzyň tagallalary esasynda Türkmenistan uly ösüşleriň we özgerişleriň ýoly bilen ynamly öňe barýar. Bu ösüşler diňe bir ykdysady we syýasy ugurlarda däl, eýsem medeniýet, bilim, saglyk we sport ýaly ähli ugurlarda hem öz beýanyny tapýar. Halkymyz tarapyndan gyzgyn goldanylan 2026-njy ýylyň «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan - bedew batly at-myradyň mekany» diýen şygarynda hem bu ajaýyp hakykat öz beýanyny tapýar. Bu şygar, her bir türkmen raýatyny täze üstünliklere ruhlandyryp, Watanymyzyň gülläp ösmegine goşant goşmaga çagyrýar.

Sagdynlyk we sport babatda hem bu ýylyň üstünliklere beslenjekdigini eýýäm häzirden uly ynam bilen aýtmak bolar. Çünki bu ýyl türgenlerimiz yklym we dünýä derejesindäki ýaryşlara, festiwallara işjeň taýýarlyk görýärler. Türkmenistanda sportuň ösüşine berilýän uly üns we döwrebap sport toplumlarynyň gurulmagy, ýaş türgenleriň halkara arenada ýokary netijeleri gazanmagy üçin ähli şertleri döredýär. Aýratynam, Mukaddes Garaşsyzlygymyzyň 35 ýyllyk şanly toýunyň giňden belleniljek 2026-njy ýylyň «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan bedew batly at-myradyň mekany» diýlip atlandyrylmagy uly ösüşlere badalga bolar. Bu ýyl diňe bir sportda däl, eýsem ýurduň ähli pudaklarynda täze sepgitlere ýetiljekdiginiň, milli maksatlaryň üstünlikli amala aşyryljakdygynyň we Türkmenistanyň dünýä giňişligindäki abraýynyň has-da ýokarlanmagynyň nyşanydyr. Bedew batly ösüşler bilen öňe barýan Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan geljekde hem öz halkyny täze üstünliklere we bagtyýar durmuşa alyp barar.

***Ogulnäzik Isenowa,***
**Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň diller kafedrasynyň uly mugallymy.**

# DÜNÝÄDE SYÝAHATÇYLYGYŇ TÄZE MERKEZI




Mähriban Arkadagymyzyň öňdengörüjilikli syýasaty netijesinde tolkunlary joş urýan gojaman Hazaryň türkmen kenarynda Awaza milli syýahatçylyk zolagy kemala geldi. Ol ýerde gurlan we gurulýan ak mermerli binalarymyz älem-jahana şugla saçyp, bagtyýar halkymyzyň at-owazasyny arşa ýaýýar. Zeminiň çar künjeginden seýrana gelýän jahankeşdeleriň özboluşly mekanyna öwrülen bu mesgen müňýyllyklara ýaň salýar. Dünýä ülňülerine laýyk gelýän döwrebap myhmanhanalar toplumy yzly-yzyna gurlup, Awaza göwher gaşly ýüzügi ýadyňa salýar. Bu ýerde dürli mazmunly Halkara medeni çäreler, sergiler, ylmy maslahatlar, sungat we çagalar festiwallary yzygiderli geçirilýär.

Birleşen Milletler Guramasynyň bütindünýä syýahatçylyk guramasynyň maglumat bermegine görä, 2030-njy ýyla çenli dünýäde syýahatçylaryň sany iki esse artar. Çaklamalara görä 1,8 milliard adama deň bolan myhmanlaryň takmynan ýarysy Aziýa sebitiniň ýurtlaryna syýahat ederler. Syýahatçylygyň täze merkezine öwrülen Awaza-da şol syýahatçylaryň ençemesi myhman bolarlar, Türkmenistan döwletimiziň gülläp ösüşine şeýle syýahatçylaryň ençemesi şaýat bolarlar. Olar syýahatçylygyň dürli görnüşlerini-sport, sagaldyş, ekologiýa, medeni-dynç alyş we beýleki görnüşlerini ösdürmäge dahylly bolan beýleki edaralaryň Türkmenistanyň syýahatçylyk toplumynyň gazanan üstünlikleri we mümkinçilikleri bilen tanyş bolarlar. Her gurulýan binalarda dürli maksatlara niýetlenen desgalaryň bolmagy ähli amatlyklary özünde jemleýär. Kongresler merkezi, mejlisler zallary, kinoteatrlar, söwda merkezleri, dürli amatlykly sagaldyş merkezleri, sportuň dürli görnüşleri boýunça çäreleri geçirmäge niýetlenen zallary, buzly meýdança, aýratyn türgenleşik üçin niýetlenen meýdançalar, fitnes zallary, telekeçiler üçin kottejler toplumlary, tomaşaçylar üçin münberler, maşgala bolup dynç almaga niýetlenen desgalarda oňaýly şertler bar. Internet-kafe, restoran, uly we kiçi howuzlar, çagalar üçin attraksionlar, seýilgähler hem binalara has-da görk berýär. Bularyň ählisi daşary ýurtlaryň Türkmenistana jahankeşdelige gelmekleriniň güýçli depginde ösmegine, ýurduň täsin taryhy we tebigy mirasynyň, özboluşly medeniýetiniň we beýlekileriň esasynda täze, gyzykly taslamalara isleglerіň kemala gelmegine, geljekde tutuş Aziýa sebitiniň syýahatçylyk senagatynyň ýagdaýyna uly täsir etmäge mümkinçilik berýär. Dünýä ýurtlarynyň syýahatçylyk işewirleri indi Türkmenistan bilen özara bähbitli hyzmatdaşlygy ýola goýýarlar. Bu hyzmatdaşlygyň çäginde medeni zolakda esasy ugurlary ösdürmäge aýratyn üns berilýär. Syýahatçylyk ulgamyna maýa goýumlaryny çekmegiň häzirki zaman tehnologiýalary we dünýä bazarynyň bu ulgamynda öňdebaryjy ýurtlaryň üstünlikli tejribesini alyşmaklaryny, Awaza milli syýahatçylyk zolagyny innowasion taýdan ösdürmek, tebigy we taryhy-medeni mirasyň esasynda biziň ýurdumyzyň sebitleriniň syýahatçylyk kuwwatyny sazlaşykly ýola goýmak, marketingiň usullaryny ornaşdyrmak, pudak üçin işgärleri taýýarlamak we hünär taýdan bilim bermek ugrunda uly işler amala aşyrylýar. Ol işler işewir gatnaşyklary berkitmäge, döwlet düzümleriniň we işewür toparlarynyň, ylym we telekeçilik ulgamynyň wekilleriniň arasynda täze hyzmatdaşlyk gatnaşyklaryny ýola goýmaga ýardam berýär. Biziň ýurdumyza gelýän syýahatçylaryň akymynyň artmagy, welaýatlaryň syýahatçylyk serişdelerini doly çekmäge, syýahatlar üçin täze ugurlary, aýratyn-da Awaza syýahatçylygy üçin täze ugurlary açmaga mümkinçilik berýär. Bu başlangyçlar bolsa Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ýurdumyzy dünýä tanatmakda, milli medeniýetimizi, sungatymyzy has-da kämilleşdirmekde möhüm ähmiýete eýedir we halkara kartasynda Türkmenistanyň geljekde syýahatçylygyň täze merkezi diýlip ykrar edilmegine itergi bolar.

Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň aladalary bilen Awaza milli syýahatçylyk zolagynyň esasy maksady sagaldyş, dynç alyş bilen bagly bolup, deňiz kenarynyň täsin howa şertlerinde melhem beriji suw-mineral serişdeleri bilen halkymyzyň we myhmanlaryň saglyklaryny dikeltmäge mümkinçilik bermegidir. Saglyk ulgamynyň hünärmenleriniň barlaglarynyň netijesinde, demirgazykdan gelýän deňiz suwlarynyň türkmen kenarynda ýyly suw bilen garyşyp, suwdaky ýod-bronyň birleşmegi, howanyň ýüzüne mineral görnüşde çykmagy, ondan gyşyn-ýazyn çagalaryň we uly adamlaryň dem almagy kesel bejerijilik ähmiýetli hasaplanylýar. Güneşe baý Hazaryň türkmen kenaryna dynç almaga gelýän syýahatçylaryň münlerçesi jana şypaly deňziň şeýle lezzetini duýup, saglyklaryny berkidýärler. Ýer ýüzünde adamlaryň saglygy barada aladalanýan Gahryman Arkadagymyzyň alyp barýan asylly işlerini dünýä ýüzi goldaýar.

***Bägül Çaryýarowa,* Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň diller kafedrasynyň uly mugallymy.**

# ÝAŞLAR GELJEGIN RÖWSEN ÇYRAGY

2025-nji ýylyň 15-nji dekabrynda Türkmenistanda ýaşlary goldamak we olaryň üstünliklerini giňden wagyz etmek maksady bilen döwlet derejesinde dabaraly çäre geçirildi. Onda Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedow halkara sport ýaryşlarynda hemde ders bäsleşiklerinde baýrakly orunlara mynasyp bolan ýaşlara, şeýle-de olaryň üstünliklerine uly goşant goşan halypalara döwlet sylaglaryny gowşurdy. Dabarada çykyş eden döwlet Baştutanymyz Serdar Berdimuhamedow ýaşlaryň ýurduň geljegini kesgitleýändigini nygtap, bilimli, sagdyn hem-de maksada okgunly nesli terbiýelemegiň döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biridigini belledi. Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow halkara derejesinde gazanylan üstünlikleriň Türkmenistany dünýäde tanadýandygyny we ýaşlaryň ukyp-başarnyklarynyň ýokary derejede ösdürilýändiginiň aýdyň subutnamasydygyny aýtdy. Sylaglananlaryň hatarynda sportuň dürli görnüşleri boýunça halkara ýaryşlarda ýeňiji bolan türgenler, matematika, fizika, informatika, himiýa ýaly dersler boýunça halkara olimpiadalarda baýrakly orunlary eýelän okuwçylar we talyplar bar. Şeýle hem olaryň üstünliklerine ýol açan mugallymlar, tälimçiler we halypalar aýratyn hormat-sarpanyň eýeleri boldular. Hormatly Prezidentimiz ýaşlara ýüzlenip, ylym-bilimde, sportda we döredijilikde täze belentlikleri eýelemegi arzuw edip, döwlet tarapyndan döredilýän giň mümkinçiliklerden netijeli peýdalanmagyň möhümdigini nygtady. Şeýle çäreleriň ýaşlaryň höwesini artdyrýandygyny, olaryň watançylyk ruhuny berkidýändigini bellemek bilen, geljekde hem bu ugurda işleriň yzygiderli dowam etdiriljekdigini aýtdy. Dabara gatnaşanlar sylaglaryň gowşurylmagyny özleri üçin uly höweslendiriş diýip baha berdiler we ýurduň ösüşine mynasyp goşant goşmak üçin mundan beýläk-de yhlaslaryny gaýgyrmajakdyklaryny beýan etdiler. Bu dabaraly çäre Türkmenistanda ýaş nesliň üstünliklerini sarpalamagyň, bilimli we sagdyn jemgyýeti kemala getirmegiň döwlet derejesinde möhüm ähmiýete eýedigini ýene bir gezek subut etdi.

***Ýakupbeg Haknazarow,* Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň sport žurnalistikasy hünäriniň 4-nji ýyl talyby.**

# BASKETBOL BOYUNCA TURKMENISTANYN KUBOGY

Türkmenistanyň basketbol boýunça Kubogy ugrundaky ýaryşlar 28-nji dekabrda Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň köpugurly sport toplumynda tamamlandy. Final duşuşygy örän ýatda galyjy pursatlara baý boldy. Ýaryş gyzgalaňly we çekeleşikli geçdi. Gatnaşýan toparlar tomaşaçylaryň gyzgyn goldawyna mynasyp boldy. Birinjilik ugrundaky ýaryşlar Türkmenistanyň basketbol federasiýasy tarapyndan ýokary guramaçylyklykda geçirildi. Jemi sekiz topar ýagny: «Talyp sporty», «Aşgabat», «Daşoguz», «Maliýe», «Lebap», «Merkezi Goşun Sport Kluby», «Galkan» we «Binagär» öz aralarynda çekeleşikli duşuşyklary geçirdiler . Final duşuşygynda «Talyp sporty» we «Galkan» toparlary özara bäsleşdiler. Netijede «Talyp sporty» basketbol topary öňe saýlanmagy başardy. Türkmenistanyň basketbol boýunça Kubogy ugrundaky ýaryşlarda: 1-nji orna «Talyp sporty», 2-nji orna «Galkan», 3-nji orna «Aşgabat» toparlary mynasyp boldular. Aýratyn tapawutlanan toparlara we oýunçylara Türkmenistanyň basketbol federasiýasy tarapyndan hormat hatlary we baýraklar gowşuryldy.

***Begenç Mollaýew,* Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň bedenterbiýe hünäriniň 4-nji ýyl talyby.**

# TÄZE ÜSTÜNLIKLERDEN RUHLANYP




Sport we bedenterbiýe adam durmuşynyň iň bir wajyp aýratynlygydyr. Her bir güni mynasyp ýaşamak, saglygyňy goramak we berkitmek üçin bedenterbiýe indi sagdyn durmuş ýörelgesi hasaplanýar. Sport bilen yzygider meşgullanmak bolsa, üstünlikleriň açary. Ýaşlary sporta höweslendirmek, sagdyn nesili kemala getirmek üçin ýurdumyzda uly işler alnyp barylýar. Sagdyn we berk bedenli ýaşlar beýleki ugurlarda-da has uly üstünliklere ýetýärler. Ylymly, bilimli kämil ýaşlar bolsa ata Watanymyzyň geljegi. Sportuň we bilimiň utgaşykly alnyp barylýan, ýurdumyzda bu ugurdan ýeke-täk bilim ojagy bolan Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynda ýokary derejede bilim almak, sport bilen meşgullanmak üçin ähli şertler döredilen. 2025-nji ýyl hem, şu döredilen ajaýyp mümkinçiliklerden peýdalanyp, gazanylan täze üstünliklere baý boldy. Talyp türgenlerimiz halkara derejeli sport ýaryşlarynda we ders olimpiadalarynda netijeli üstünlikleri gazandylar. Dünýä çempionatlarynda altyn, kümüş, bürünç medallaryň eýesi bolup ýaşyl Tugumyzy al-asmana galdyrdylar. Ylym-bilimde tapawutlanan talyplar, ders we taslama bäsleşiklerinde baýrakly orunlara mynasyp boldular. 26-njy dekabrda ýokary okuw mekdebimiziň mejlisler zalynda Täze ýyl baýramçylygyna bagyşlanan aýdym-sazly dabara geçirildi. Ýylyň dowamynda yhlasly zähmet çeken, talyplary sport ýaryşlaryna türgenleşdiren, ders-bäsleşiklerine taýýarlan tälimçi-mugallymlara, şeýle-de, beýleki işgärlere institutyň adyndan baýraklar we hormat hatlary gowşuryldy. Ýurdumyzyň we ýokary okuw mekdebimiziň abraýyna goşant goşup sportda, bilimde tapawutlanan göreldeli talyplar hem sowgatlar we hormat hatlary bilen sylaglanyldy. Dabara "Sagdyn nesiller" aýdym-saz toparynyň ýerine ýetirmegindäki ajaýyp çykyşlara, gülkili degişme sahnalaryna, Gahryman Arkadagymyzyň we Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň peşgeş beren ajaýyp döwrüni wasp edýän aýdymlara baý boldy. Bu ýerde çykyş edenler täze 2026-njy ýyl üstünlikleriň ýyly bolmagyny arzuw edip, halkymyzy eşretli zamanada ýaşadýan Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň adyna alkyş sözlerini aýtdylar.

***Mamagül Joraýewa*, Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň sport žurnalistikasy hünäriniň 4-nji ýyl talyby.**

# KÜŞT BOÝUNÇA ÝURDUŇ BIRINJILIGI

Türkmenistanyň sport durmuşynda möhüm waka bolup, ýurduň küşt boýunça birinjiligi gyşky dynç alyş günlerinde ýaş zehinleri bir ýere jemledi. Bu çempionat 7, 9, 11, 13, 15 we 17 ýaş derejeleri boýunça oglanlaryň we gyzlaryň arasynda geçirilip, oňa 500-e golaý okuwçy gatnaşýar. Ýaryşlar 5-nji ýanwardan 11-nji ýanwara çenli Aşgabat şäheriniň ýöriteleşdirilen küşt we şaşka mekdebinde dowam edýär. Bu çäre ýaş küştçüleriň ussatlygyny görkezmek we täze zehinleri ýüze çykarmak üçin ajaýyp mümkinçilik döredýär.

Bäsleşigiň görnüşleri we ulgamy

Ýaş zehinler küştüň üç görnüşi boýunça bäsleşýärler: iň abraýly nusgawy küşt, çalt pikirlenmäni talap edýän çalt (rapid) küşt we örän ýokary tizlikde oýnalýan örän çalt (blitz) küşt. Bu dürli görnüşler gatnaşyjylara özleriniň küşt ukyplarynyň ähli taraplaryny görkezmäge mümkinçilik berýär. Bäsleşik şweýsar ulgamy boýunça 9 tapgyrda geçirilýär, bu bolsa her bir gatnaşyja ýaryşyň dowamynda öz güýjüne laýyk garşydaşlar bilen oýnamaga şert döredýär we netijede iň güýçli oýunçylaryň ýeňiş gazanmagyny üpjün edýär.

Gatnaşyjylaryň rekord sany we medal ugrundaky göreş

Şu ýyl gatnaşyjylaryň rekord sany hasaba alyndy – ähli 12 ýaş derejesinde jemi 492 okuwçy (oglanlar we gyzlar aýratynlykda) gatnaşýar. Bu san Türkmenistanda küşt sportuna bolan gyzyklanmanyň barha artýandygyny aýdyň görkezýär. Şeýlelikde, şu hepde içinde 36 sany medal toplumy ýa-da jemi 108 medal ugrunda çekeleşikli bäsleşikler geçirilýär. Bu medallar ýaş küştçüler üçin diňe bir sylag däl, eýsem olaryň zähmetiniň we ussatlygynyň nyşanydyr.

Sebitler boýunça gatnaşyjylaryň sany: Aşgabat - 191, Lebap welaýaty - 109, «Küşt Älemi» akademiýasy - 82, Mary welaýaty - 61, Daşoguz welaýaty - 38, Ahal welaýaty - 9, Balkan welaýaty - 2

Bäsleşigiň ilkinji netijeleri we täze zehinler

4 tapgyrdan soň käbir toparlarda eýýäm ýeke-täk liderler belli boldy. Iň çekeleşikli bäsdeşlik 11 ýaşyna çenli oglanlaryň arasynda barýar, onda 89 türgen bäsleşýär. Bu kategoriýada bäsleşik eýýäm birnäçe garaşylmadyk netijeleri berdi – esasan hem Lebap we Daşoguz welaýatlaryndan gelen täze zehinler tanymal liderleri ýeňmegi başardylar. Bu bolsa, Türkmenistanyň dürli sebitlerinde küşt sportunyň ösýändigini we täze ýyldyzlaryň ýüze çykýandygyny görkezýär.

Çempionatlaryň maksady we geljegi

Türkmenistanda täk ýaş derejeleri boýunça okuwçylaryň arasyndaky çempionatlar 2023-nji ýyldan bäri adaty jübütd ýaş derejeleri (8, 10, 12, 14, 16 we 18 ýaş) bilen bir hatarda geçirilip başlandy. Munuň esasy maksady Halkara we Aziýa küşt federasiýalarynyň (FIDE we ACF) senenamasyna laýyklykda halkara ýaryşlaryna gatnaşjak ýeňijileri kesgitlemekdir. Bu çemeleşme türkmen küştçülerine halkara arenada öz ukyplaryny görkezmäge we ýurduň abraýyny belende galdyrmaga mümkinçilik berýär.

Şunuň bilen birlikde, bu ýaryşlaryň ýene-de bir möhüm maksady — tutuş ýurt boýunça çagalaryň arasynda küşti meşhurlaşdyrmak we olary bu döredijilikli hem-de strategiki sport görnüşi bilen yzygiderli meşgullanmaga höweslendirmek bolup durýar. Bu bolsa ýurduň intellektual ýaşlar binýadynyň kemala gelmegine ýardam edýär. Küşt, çagalaryň logiki pikirlenmesini, ünsüni jemlemegini we karar kabul etme endiklerini ösdürýär.

Küştüň ähmiýeti we ösüşi

Türkmenistanyň Küşt federasiýasynyň başlygy Wepa Mälikgulyýewiň pikiriçe: «Gadjetleriň we durmuş ulgamlarynyň çagalaryň ünsüni we aňyny "özüne bende" edýän döwründe, küşt bilen meşgullanmak ünsüňi jemlemegi, sabyrlylygy, häsiýeti we jemgyýetçilik udyklaryny kemala getirýär. Şeýle hem küşt döredijilikli, strategiki we algoritmli pikirlenip bilýän, häzirki edýän işleriniň geljekdäki netijelerini öňünden hasaplap bilýän ýaşlary ýetişdirýär. Alymlaryň hasaplamalaryna görä, emeli aňyň ösen döwründe hut şeýle "inženerçilik" pikirlenmesine eýe bolan hünärmenlere zähmet bazarynda isleg has hem artar». Bu sözler küştüň ýaş nesliň intellektual ösüşindäki ähmiýetini aýdyň görkezýär.

Soňky ýyllarda ýurtda çagalar we ýaşlar ýaryşlarynyň sany ep-esli ýokarlandy. Ýylda 12-den 79-a çenli ýokarlanan bu görkeziji, küşt sportunyň Türkmenistanda barha giňden ýaýraýandygyny tassyklaýar. Ýyllyk umumy bäsleşikleriň sany 100-den geçýär. Ýokary derejeli milli ýaryşlara yzygiderli gatnaşýan küştçüleriň sany bolsa soňky 4 ýylyň içinde 60-dan 1500-e çenli köpeldi. Bu sanlar Türkmenistanyň küşt sportunyň geljeginiň örän ýagtydygyny we ýurduň halkara küşt arenasynda has uly üstünliklere ýetjekdigini görkezýär.

***Begenç Annageldiýew*, Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň sport žurnalistikasy hünäriniň talyby.**



# AŞGABAT FUTBOL ÝYLDYZLARYNY KABUL EDER: TARYHY DUŞUŞYGA GARAŞYLÝAR

Aşgabat şäheriniň Olimpiýa stadionyň ýakyn wagtda Türkmenistanyň sport taryhynda öçmejek yz galdyrjak hakyky taryhy wakanyň geçirilýän meýdançasyna öwrüler. Bu diňe bir futbol duşuşygy däl, eýsem türkmen futbolynyň halkara derejesindäki abraýyny has-da ýokary galdyrjak möhüm bir çäre bolar. AFK-nyň Çempionlar ligasy-2-niň 1/8 finalynda Türkmenistanyň çempiony «Arkadag» futbol topary Aziýanyň iň meşhur we güýçli toparlarynyň biri hasaplanýan Saud Arabystanynyň «Al-Nasr» topary bilen duşuşar.

Bu duşuşyk futbol janköýerleriniň we sport muşdaklarynyň aýratyn ünsüni çeker diýlip garaşylýar. Sebäbi paýtagtymyzyň Olimpiýa stadionynyň ýaşyl meýdançasyna dünýä derejeli futbol ýyldyzlarynyň bir topary çykar. Olaryň arasynda futbol dünýäsiniň iň beýik atlaryndan biri bolan Kriştianu Ronaldu ýaly ýyldyzlar, şeýle hem Sadio Mane, Žoau Feliks, Kingsli Koman, Jon Duran, Marselo Brozowiç we beýleki meşhur oýunçylar bar. Bu ýyldyzlaryň Aşgabatda oýnamagy, türkmen futboly üçin uly bir şereket we halkara derejesinde tanalmak üçin ajaýyp mümkinçilikdir.

«Al-Nasr» toparynyň düzümindäki bu dünýä derejeli oýunçylar diňe bir öz toparlarynyň däl, eýsem tutuş Aziýa futbolynyň abraýyny galdyrýan şahsyýetlerdir. Olaryň her biri öz ýurdunyň we toparynyň milli ýygyndysynyň esasy oýunçylary bolup, dünýäniň iň abraýly futbol ligalarynda we ýaryşlarynda uly üstünlikler gazananlardyr. Olaryň Aşgabada gelmegi, ýaş türkmen futbolçylary üçin hem uly ylham çeşmesi bolar, olara dünýä futbolynyň iň ýokary derejesini gös-göni görmäge we tejribe almaga mümkinçilik berer.

Garaşylýan bu duşuşyk diňe bir möhüm sport çäresi bolman, eýsem türkmen futboly üçin taryhy pursat bolar. Bu duşuşyk türkmen futbolynyň taryhynda täze sahypa açyp, ýurdumyzyň halkara futbol meýdançasynda barha artýan islegini we ornuny tassyklar. Bu çäre Türkmenistanyň sport diplomatiýasynyň ösüşine hem uly goşant goşar, sebäbi dünýäniň ünsüni Aşgabada we türkmen sportuna çeker.

Olimpiýa stadionynda geçiriljek bu duşuşyk Türkmenistanyň sport binýadynyň halkara standartlaryna laýyk gelýändigini görkezer. Stadionda ähli zerur şertler döredilip, janköýerler üçin ýokary derejeli tomaşa gurşawy üpjün ediler. Bu bolsa, geljekde Türkmenistanyň has uly halkara sport çärelerini kabul etmäge ukyplydygyny subut eder.

Bu taryhy duşuşyk, türkmen halkynyň sporta bolan söýgüsini we futbolyň ýurdumyzda barha giňden ýaýraýandygyny görkezer. «Arkadag» toparynyň «Al-Nasr» ýaly güýçli topar bilen oýnamagy, türkmen futbolynyň ösüş ýolundaky möhüm ädimdir. Bu duşuşyk, türkmen futbolynyň geljegi üçin uly umyt döredip, ýaş nesilleri sporta we sagdyn durmuş ýörelgesine höweslendirer.

*Döwletgeldi Annadurdyýew,*
**Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň sport žurnalistikasy hünäriniň 4-nji ýyl talyby.**




# TÜRKMENISTANDA WOLEÝBOL BOÝUNÇA AÇYK ÇEMPIONAT BADALGA ALÝAR: SPORTUŇ WE AGZYBIRLIGIŇ BAÝRAMÇYLYGY

2026-njy ýylyň 10-20-nji ýanwary aralygynda Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynda woleýbol boýunça Türkmenistanyň açyk çempionaty geçiriler. Bu giň gerimli ýaryşlar Watan goragçylarynyň gününe bagyşlanar we ýylyň başyndaky esasy sport wakalarynyň birine öwrüler.




Bu çempionat, diňe bir sport bäsleşigi bolman, eýsem ýurduň sport durmuşynda möhüm ähmiýete eýe bolan, woleýbol sportunyň ösüşine uly goşant goşjak bir çäre bolar.

Çempionata ýurduň ähli sebitlerinden woleýbol toparlary gatnaşarlar. Bu bolsa, Türkmenistanyň woleýbol sportunyň giň geografiki gerime eýedigini we dürli sebitlerde hem bu sportuň ösýändigini görkezýär. Ýaryşda dartgynly bäsleşige, täsirli oýunlara we ýokary derejeli sport ussatlygyna garaşylýar, sebäbi meýdançada tejribeli türgenler bilen bir hatarda zehinli ýaşlar hem duşuşarlar. Bu bolsa, tejribeli oýunçylaryň ýaşlara öz tejribelerini geçirmegine we ýaşlaryň bolsa öz ukyplaryny görkezmegine mümkinçilik berer. Şeýle duşuşyklar woleýbol sportunyň geljegi üçin örän möhümdir.

Ýaryşyň geçirilmegi woleýbol sportuny wagyz etmäge, sport däplerini berkitmäge we ýurtda bedenterbiýäni ösdürmäge gönükdirilendir. Woleýbol, toparlaýyn oýun bolany üçin, gatnaşyjylaryň arasynda agzybirligi, özara düşünişmegi we bilelikde işlemegi ösdürýär. Bu bolsa, diňe bir sport meýdançasynda däl, eýsem durmuşda hem uly ähmiýete eýedir. Çempionat, şeýle hem toparlaryň arasynda tejribe alyşmak we geljekde Türkmenistana halkara derejesinde wekilçilik edip biljek iň güýçli oýunçylary ýüze çykarmak üçin möhüm binýat bolar. Bu ýaryş, milli ýygyndy toparlary üçin hem täze oýunçylary saýlap almak üçin ajaýyp mümkinçilik döreder.

Guramaçylar ýaryşyň adalatly bäsdeşlik, sport hyjuwy we agzybirlik ýagdaýynda geçjekdigine, janköýerlere bolsa gyzgyn duýgulary we ýatdan çykmajak sport pursatlaryny peşgeş berjegine ynanýarlar. Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynda geçiriljek bu çempionat, sport desgalarynyň ýokary derejesini we Türkmenistanyň sport çärelerini guramakdaky tejribesini görkezer. Bu çempionat, Türkmenistanyň sport abraýyny has-da ýokary galdyryp, ýaş nesli sporta we sagdyn durmuş ýörelgesine höweslendirer. Şeýle çäreler, ýurduň sport syýasatynyň üstünlikli durmuşa geçirilýändiginiň aýdyň subutnamasydyr.

*Arzuw Şaýymowa,*
**Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň sport žurnalistikasy hünäriniň talyby.**

# AHALTEKE BEDEWI BIZIŇ ATA-BABALARYMYZDAN GALAN MIRASYMYZDYR



Türkmen halkynyň kalbynda müdimi orun alan, asyrlaryň dowamynda milli buýsanjy we şöhraty bolup gelen ahalteke bedewi diňe bir at däl, eýsem ol biziň ata-babalarymyzdan miras galan gymmatly medeni hazynamyzdyr. Bu behişdi bedew türkmen halkynyň taryhynyň, medeniýetiniň, däp-dessurlarynyň we ruhy gymmatlyklarynyň aýrylmaz bölegidir. Onuň gözelligi, ýyndamlygy, wepalylygy we çydamlylygy dünýäde deňi-taýy bolmadyk at tohumy hökmünde ykrar edilýär.

Ahalteke bedewiniň gelip çykyşy müňýyllyklaryň jümmüşine uzalyp gidýär. Taryhy çeşmeler we arheologik tapyndylar bu at tohumynyň massagetleriň, baktriýalylaryň we alanlaryň atlaryndan gelip çykandygyny tassyklaýar. Türkmen seýisleri asyrlaryň dowamynda bu atlaryň tohum arassalygyny we ajaýyp häsiýetlerini gorap saklap, olary kämilleşdirmek üçin uly zähmet siňdiripdirler. Bu zähmetiň netijesinde ahalteke bedewi özüniň gaýtalanmajak özboluşlylygyny, ýyndamlygyny we aýratyn gözelligini saklap galypdyr. Onuň gamyşgulaklygy, inçejik boýny, uzyn we syrdam aýaklary, şeýle hem gün şöhlesinde ýalpyldaýan ýüpek ýaly ýelekleri oňa behişdi at diýen ady beripdir. Ahalteke bedewleriniň reňkiniň kemala gelmeginde hem türkmen tebigatynyň we oňa gün şöhlesiniň düşmeginiň aýratyn ähmiýeti bardyr. Bu atlar diňe bir daşky görnüşi bilen däl, eýsem özüniň akyllylygy, wepalylygy we eýesine bolan baglylygy bilen hem tapawutlanýar. Olar adamyň iň ýakyn dosty we ýoldaşy bolup, ähli kynçylyklarda goldaw beripdirler.

Türkmen halkynyň durmuşynda ahalteke bedewiniň orny örän uludyr. Ol türkmenleriň göçme durmuşynda esasy ulag serişdesi bolup hyzmat edipdir, söweşlerde we ýörişlerde ýeňişleriň açary bolupdyr. Ahalteke bedewi türkmen halylarynyň, zergärçilik önümleriniň we beýleki milli senetçilik eserleriniň esasy bezeg elementidir. Ol türkmen edebiýatynda, şygryýetinde we halk döredijiliginde giňden wasp edilýär. Magtymguly Pyragynyň, Mollanepesiň we beýleki nusgawy şahyrlarymyzyň eserlerinde Ahalteke bedewiniň gözelligi we mertebesi belent derejede beýan edilýär. Häzirki döwürde hem ahalteke bedewi Türkmenistanyň döwlet nyşanlarynda, pul birliklerinde we poçta markalarynda öz beýanyny tapýar, bu bolsa onuň milli gymmatlyk hökmünde ähmiýetini görkezýär.

Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedowyň we türkmen halkynyň Milli Lideri Gurbanguly Berdimuhamedowyň ahalteke bedewlerine bolan aýratyn ünsi we aladasy netijesinde, bu at tohumynyň dünýäde şöhraty has-da belende galýar. Hormatly Prezidentimiz öz edebi döredijiliginde hem behişdi bedewlere aýratyn orun berýär. Onuň «Ahalteke bedewi — biziň buýsanjymyz we şöhratymyz» atly kitaby türkmen atçylygynyň taryhyny we häzirki ýagdaýyny giňişleýin açyp görkezýär. Türkmenistanda her ýyl Türkmen bedewiniň milli baýramy giňden bellenilip geçilýär, bu bolsa atçylyk sportunyň we milli däp-dessurlaryň ösüşine uly itergi berýär. Halkara Ahalteke atçylyk assosiasiýasynyň mejlisleri yzygiderli geçirilip, bu at tohumynyň dünýäde meşhurlygyny artdyrmak we tohum arassalygyny gorap saklamak boýunça möhüm kararlar kabul edilýär.

Ahalteke bedewi diňe bir Türkmenistanyň däl, eýsem tutuş dünýä medeniýetiniň gymmatly mirasydyr. Onuň ýyndamlygy, çydamlylygy we gözelligi dünýäniň dürli künjeklerindäki atçylyk muşdaklaryny haýran galdyrýar. Häzirki wagtda ahalteke bedewleri dünýäniň köp ýurtlarynda ösdürilip ýetişdirilýär we dürli atçylyk ýaryşlarynda üstünlikli çykyş edýär. Bu bolsa, türkmen halkynyň asyrlaryň dowamynda döreden bu ajaýyp mirasynyň ählumumy gymmatlygyny tassyklaýar. Ahalteke bedewi biziň ata-babalarymyzdan galan mukaddes miras bolup, ony gorap saklamak we geljek nesillere ýetirmek her bir türkmen raýatynyň mukaddes borjudyr. Bu miras biziň milli özboluşlylygymyzyň we ruhy baýlygymyzyň aýdyň nyşanydyr.

***Aknur Muhammedowa,* Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň diller kafedrasynyň uly mugallymy.**

## GIJEKI AÝ BILEN SÖHBETDEŞLIK

Al-asmanda dolan aýym,
Geldim ýene-de ýanyňa.
Içki syrym gozgalaýyn,
Düşünseň serhoş halyma.

Köp içmedim, ýaňra diýme,
Diýjek sözüm diýip bilýän.
“Bir gyz üçin ýanma” diýme
Ýanmalydyr, söýüp bilýän.

Ah... aý, senem ýeke ýaly,
Seret ýyldyzlar müňlerçe.
Ýa öz-özüň allaýaňmy,
Bize garaýyp ogrynça.

Her kimiň öz söýen ýary,
Her kimiň öz nesibi bar.
Hatda şalar çeker zary,
Munda ysgyň ýesiri bar.

Dost öýünde kän oturdym,
Nirde diýip ideýän ýok.
Enem-atamy ýitirdim,
“Nahar taýyn, iý” diýýän ýok.

Arzuwymdy bir gözel gyz,
Perilere bäs edipdim.
Her bir günüm toýa deňäp,
Onsuz günüm ýas eýledim.

Bu gün bolsa maňa däl-de,
Gör kimlere gujak gerdi.
Ine şeýle uzak ýolda,
Bir biwepa ýaryň derdi.

Kimi görseň dost görünýär,
Gülümsüräp, alçak ýaly.
Bizem munda eý görülýän,
Bir oýunjak gurjak ýaly.

Garaz, şeýdip ýeke göwni,
Ýekelikde ýekeleýäs.
Öňem çigin bolan düwni,
Çigindirip çekeleýäs.

Mawy asman sepeläber,
Gözden akan ýaşlaryňy.
Salkyn ýagşyň medet berer,
Çytman saňa gaşlarymy.

Uç gyraksyz asman ahyr,
Gara şalyn örtündi.
Ýazyp bildiň ýaş şahyr,
Senem gitde ýat indi.

***Maksat Akmyradow,* Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň sport psihologiýasy hünäriniň 4-nji ýyl talyby.**

# «GRASSROOTS» FUTBOL FESTIWALY




Gözel paýtagtymyz Aşgabat şäheri ýene-de bir gezek sportuň baýramçylygyna, ýagny çagalar futboly boýunça «Grassroots» festiwalyna şaýatlyk etdi. Bu çäre ýaş nesliň arasynda sagdyn durmuş ýörelgesini wagyz etmek we futbol sportuna bolan söýgini artdyrmak maksady bilen gurnaldy. Türkmenistanyň Futbol federasiýasy tarapyndan Olimpiýa ätiýaçlykdaky ýöriteleşdirilen çagalar we ýaşlar sport mekdebi bilen bilelikde gurnalan bu möhüm sport çäresi 2014–2015-nji ýyllarda doglan 150-ä golaý ýaş futbol muşdagyny futbol meýdançasynda birleşdirdi. Bu festiwal, ýaş türgenler üçin diňe bir futbol oýnamak däl, eýsem täze dostluklar gurmak we sport ruhuny duýmak üçin ajaýyp mümkinçilik boldy.

Festiwalyň esasy maksady diňe bir ýaş futbolçylaryň arasynda täze zehinleri ýüze çykarmakdan däl, eýsem olaryň arasynda sagdyn durmuş ýörelgesini giňden wagyz etmekden ybarat boldy. Sportuň, esasan hem futboluň, çagalaryň fiziki we psihologiki ösüşine oňyn täsir edýändigi ylmy taýdan subut edilendir. Şeýle festiwallar çagalaryň arasynda hereketliligi, toparlaýyn işi we bäsdeşlik ruhuny ösdürýär, bu bolsa olaryň geljekki durmuşynda uly ähmiýete eýe bolýar.

Festiwalyň maksatnamasy ýaş gatnaşyjylaryň gyzyklanmasyny artdyrmak we olara futbolyň esasy tilsimlerini öwretmek üçin gyzykly oýun türgenleşikleri görnüşinde düzüldi. Futbol meýdançasy birnäçe mowzuklaýyn beketlere bölündi. Her beketde çagalar tejribeli tälimçileriň ýolbaşçylygynda öz tilsimlerini kämilleşdirdiler. Olar derweze urulýan urgularyň takyklygy, çalasynlyk we hereketleriň sazlaşygy ýaly möhüm endikler boýunça işlediler. Bu türgenleşikler çagalara futbolyň inçe syrlaryny öwretmek bilen bir hatarda, olaryň fiziki taýdan berkemegine hem ýardam etdi. Bäsdeşlik ulgamlary goşulan estafetalar we bäsleşikler çagalara diňe bir öz ukyplaryny görkezmäge däl, eýsem toparlaýyn agzybirligi, özara kömegi we sport etikasy boýunça endikleri hem ýüze çykarmaga mümkinçilik berdi. Bu bolsa olaryň şahsyýet hökmünde ösmegine uly goşant goşdy.

Gatnaşyjylaryň joşgunly gurşawy we höwesi ýurtda futbola bolan islegiň barha artýandygyny ýene-de bir gezek tassyklady. Şeýle başlangyçlar çagalara uly sportda ilkinji ynamly ädimlerini ätmäge kömek edýär we adaty türgenleşigi ýatdan çykmajak waka öwürýär. Festiwal, ýaş türgenler üçin diňe bir sport çäresi bolman, eýsem olaryň ýadynda uzak wagtlap galjak ýakymly pursatlary döretdi. Bu bolsa, olaryň geljekde hem sport bilen meşgullanmagyna uly itergi berer.

Baýramçylygyň ahyrynda her bir ýaş futbolça Türkmenistanyň Futbol federasiýasy tarapyndan ýadygärlik sowgady – täze futbol topy gowşuryldy. Bu sowgat çagalaryň geljekde howlularda we mekdep stadionlarynda türgenleşmeklerine goşmaça itergi bolar. Bu ýöne bir sowgat däl, eýsem ýaş türgenleriň sporta bolan höwesini artdyrmak we olaryň geljekki üstünliklerine ynanýandygyny görkezmek üçin möhüm bir alamatdyr. «Grassroots» festiwallarynyň yzygiderli geçirilmegi Türkmenistanda futbolyň ösüşine uly goşant goşup, geljekde halkara derejesinde üstünlik gazanjak täze futbol ýyldyzlarynyň kemala gelmegine ýardam eder.

***Babamyrat Täşliýew,***
**Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň sport žurnalistikasy hünäriniň 4-nji ýyl talyby.**

# Buzda typmak taryhyň jümmüşinden häzirki zamana çenli

Buzda typmak sporty adamzat taryhynda iň gadymy we şol bir wagtyň özünde iň nepis hereketleri özünde jemleýän sport görnüşleriniň biridir. Bu sport diňe bir fiziki güýji we çalasynlygy talap etmän, eýsem adamyň deňagramlylyk ukybyny, çydamlylygyny we estetiki duýgusyny hem kämilleşdirýär. Buzda typmagyň taryhy müňýyllyklaryň jümmüşine, has takygy demirgazyk Ýewropanyň sowuk sebitlerine uzalyp gidýär. Arheologik tapyndylar ilkinji konki meňzeş gurallaryň mundan takmynan üç müň ýyl ozal Skandinawiýa ýurtlarynda peýda bolandygyny görkezýär. Şol döwürlerde adamlar buzuň üstünde hereket etmek üçin sugunlaryň, öküzleriň ýa-da loslaryň süňklerinden ýasalan gurallary aýaklaryna daňypdyrlar. Bu bolsa olara gyşyň gaty sowuk günlerinde doňan kölleriň we derýalaryň üstünden aňsatlyk bilen geçmäge mümkinçilik beripdir. Wagtyň geçmegi bilen, bu amaly zerurlyk kem-kemden gyzykly güýmenjä, soňra bolsa dünýä derejesindäki uly sport ýaryşlaryna öwrülipdir. XIV asyrda Gollandiýada polatdan ýasalan ilkinji konki pyçaklarynyň peýda bolmagy buzda typmagyň taryhynda täze bir öwrülişik nokady boldy. Polat pyçaklar buzuň üstünde has çalt we has takyk hereket etmäge şert döretdi, bu bolsa öz gezeginde sportuň dürli ugurlarynyň kemala gelmegine ýol açdy.

Häzirki wagtda buzda typmak sporty birnäçe esasy ugurlara bölünýär we olaryň her biri özboluşly aýratynlyklara eýedir. Olaryň arasynda iň meşhury we iň owadany hasaplanýan çeper typmak (figuralaýyn typmak) sporty sungat bilen sportuň ajaýyp utgaşmasydyr. Bu görnüşde türgenler sazyň astynda dürli böküşleri, aýlanmalary we çylşyrymly hereketleri ýerine ýetirýärler. Çeper typmak diňe bir fiziki taýýarlygy däl, eýsem artistlik ukybyny we sazy duýmak başarnygyny hem talap edýär. Ýene-de bir möhüm ugr bolan tiz typmak (konkide çapyşyk) bolsa, türgenleriň belli bir aralygy iň gysga wagtyň içinde geçmek ugrundaky bäsleşigidir. Bu ýerde esasy üns tizlik we çydamlylyga gönükdirilýär. Şort-trek bolsa has gysga we dar ýodalarda geçirilýän, örän uly çalasynlygy we strategiki pikirlenmegi talap edýän görnüşdir. Bulardan başga-da, buzly hokkeý dünýäde iň köp janköýeri bolan toparlaýyn sport oýunlarynyň biridir. Hokkeýçiler buzuň üstünde uly tizlikde hereket edip, şaýbany garşydaşyň derwezesine salmak ugrunda göreşýärler. Bu sport görnüşleriniň her biri adamyň dürli ukyplaryny ösdürmäge ýardam edýär we tomaşaçylara ýatdan çykmajak pursatlary peşgeş berýär.

Buzda typmagyň ynsan saglygyna ýetirýän peýdasy hem örän uludyr. Bu sport bilen meşgullanmak bedeniň ähli myşsalarynyň işjeňleşmegine, ýürek-damar ulgamynyň berkemegine we öýkeniň işiniň gowulanmagyna ýardam edýär. Buzuň üstünde deňagramlylygy saklamak üçin adam bedeni yzygiderli işleýär, bu bolsa öz gezeginde hereketleriň sazlaşygyny (koordinasiýasyny) ýokarlandyrýar. Şeýle hem, buzda typmak stresden dynmaga, ruhy ýagdaýy gowulandyrmaga we özüňe bolan ynamy artdyrmaga kömek edýär. Sowuk howada we arassa buz meýdançasynda türgenleşmek bedeniň kesellere garşy durnuklylygyny (immunitetini) berkidýär. Çagalar üçin buzda typmak sporty has-da ähmiýetlidir, sebäbi ol ýaş nesliň fiziki taýdan dogry ösmegine, sabyrlylygyň we maksada okgunlylygyň kemala gelmegine ýardam edýär. Şonuň üçin hem dünýäniň köp ýurtlarynda buzda typmak sporty mekdep okuwçylarynyň arasynda giňden wagyz edilýär.

Türkmenistanda hem soňky ýyllarda gyşky sport görnüşlerine, aýratyn-da buzda typmaga bolan gyzyklanma döwlet derejesinde uly goldaw tapýar. Paýtagtymyz Aşgabatda gurlan döwrebap Gyşky oýunlar sport toplumynda we beýleki buz meýdançalary ýaşlaryň bu sport bilen yzygiderli meşgullanmagy üçin ähli şertleri döredýär. Türkmen halkynyň Milli Lideri Gurbanguly Berdimuhamedow we Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň sporta berýän uly ünsi netijesinde ýurdumyzda buzly hokkeý, çeper typmak we şort-trek ýaly ugurlar uly ösüşlere eýe boldy. Türkmen hokkeýçileri halkara ýaryşlarynda üstünlikli çykyş edip, ýurdumyzyň abraýyny belende galdyrýarlar. Şeýle hem, çeper typmak boýunça ýaş türgenlerimiziň görkezme çykyşlary milli baýramçylyklarymyzyň bezegine öwrülýär. Bu bolsa Türkmenistanyň diňe bir ýssy howaly ýurt däl, eýsem gyşky sport görnüşleriniň hem ösen mekanyna öwrülýändiginiň aýdyň subutnamasydyr.

Netijede, buzda typmak sporty taryhy kökleri örän çuň bolan, häzirki wagtda bolsa döwrebap tehnologiýalar we ýokary ussatlyk bilen kämilleşen dünýä gymmatlygydyr. Ol adamyň fiziki we ruhy taýdan kämilleşmegine hyzmat edýän, gözelligi we güýji özünde jemleýän ajaýyp sport görnüşidir. Geljekde bu sportuň has-da giň ýaýrajakdygyna we täze-täze ýyldyzlaryň kemala geljekdigine şübhe ýokdur. Buzda typmak diňe bir ýaryş däl, eýsem ol sagdyn durmuş ýörelgesiniň, dostlugyň we erjelligiň nyşanydyr. Her bir ynsan üçin buzuň üstünde ilkinji ädimleri ätmek kyn ýaly görünse-de, wagtyň geçmegi bilen gazanylýan ussatlyk we şol pursatda duýulýan erkinlik duýgusy ähli kynçylyklary unutdurýar. Şonuň üçin hem buzda typmak sporty hemişe adamlaryň ünsüni çekip, olary täze belentliklere höweslendirmegini dowam eder.

***Akmeňli Kakabaýewa,***
**Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň sport žurnalistikasy hünäriniň talyby.**

## “ARKADAG” TÜRKMENISTANYŇ 33-NJI FUTBOL ÇEMPIONATYNY ÝEŇIŞ BILEN TAMAMLADY

Futbol boýunça Türkmenistanyň Ýokary ligasynyň 33-nji çempionaty 18-nji dekabrda tamamlandy. Çempionatyň iň esasy duşuşygy “Arkadag” we “Nebitçi” toparlarynyň arasynda bolup, “Arkadag” topary bu oýunda 4:1 hasabynda ýeňiş gazandy. Bu ýeňiş “Arkadagyň” tutuş möwsüm boýunça görkezen yzygiderli we güýçli oýnuna aýdyň mysal boldy. Topar ýeňişli bölümini ýokary derejede tamamlap, özüniň liderdigini ýene bir gezek subut etdi. Ýaryşyň barşynda “Ahal” topary “Merwden” 3:0 hasabynda üstün çykyp, möwsümi şowly jemledi. “Energetik” bilen “Aşgabadyň” arasynda bolsa dartgynly oýun boldy we ol 1:1 hasabyndaky deňlik bilen tamamlandy. “Şagadam” topary “Köpetdagy” 2:1 hasabynda ýeňmegi başardy. Bu çempionat türkmen futbolunyň ösüşinde möhüm tapgyr boldy. “Arkadag” toparynyň ýeňiş gazanmagy olaryň ýokary derejeli oýunçylary we tälimçilik düzümi bilen baglydyr. Toparyň düzümi milli ýygyndynyň esasy oýunçylaryndan ybarat bolup, olar diňe bir ýurt içinde däl, eýsem halkara ýaryşlarda hem Türkmenistanyň abraýyny goramaga taýýarlanýarlar. Çempionatyň netijeleri boýunça “Arkadag” altyn, “Ahal” kümüş, “Altyn asyr” bolsa bürünç medallara mynasyp boldy. Möwsümiň iň netijeli oýunçysy we derwezeçisi hem “Arkadag” toparyndan saýlandy. Indi toparlar indiki möwsüme we geljekdäki Aziýa Futbol Konfederasiýasynyň (AFK) kubogy ýaly halkara ýaryşlara taýýarlyk görmäge girişerler. Türkmen futbol janköýerleri bu ýaryşlaryň dowamynda hem toparlarymyzyň ýeňiş gazanmagyna umyt edýärler.

*Humaý Muhyýewa,*
**Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň sport žurnalistikasy hünäriniň 4-nji ýyl talyby.**



## SPORT ÜSTÜNLIKLERE ALYP BARÝAN ÝOLDUR




Sport adam saglygyny berkitmegiň, bedeniň güýjüni artdyrmagyň hem-de psihologiki taýdan rahatlygyň iň netijeli ýollarynyň biri bolup durýar. Ol diňe adamyň beden taýdan ösüşine däl, eýsem-de akyl taýdan ösüşine hem oňaýly täsirini ýetirýär. Sport adamyň hereketiniň sazlaşykly bolmagyna, öwrenmek we maksada okgunly bolmak ukyplarynyň hem ösmegine örän uly täsir edýär.

Häzirki wagtda sportuň örän köpdürli görnüşleri bar. Olaryň arasynda iň giňden ýaýran görnüşler hökmünde futbol, woleýbol, ýeňil atletika, suwda ýüzmek, başa-baş söweş sungatlary we beýleki görnüşleri görkezmek bolar. Türgenleşik zallarynda ýerine ýetirilýän maşklar hem sport bilen meşgullanmagyň örän peýdaly usuly bolup durýar. Sport görnüşleriniň şeýle köpdügine garamazdan, olaryň ählisini ynamlylyk, maksat goýmak, yzygiderli we ýadawsyz zähmet çekmek ýaly häsiýetleri ösdürýändigi özara birleşdirýär.

Şeýlelikde, sport bilen meşgullanmak bedeniň güýjüni ýokarlandyrýar, ýürek we dem alyş ulgamlarynyň işini gowulandyrýar, psihologiki çökgünliklerden we ýadawlykdan azat edýär, tertipli we jogapkärli bolmaklygy terbiýeleýär, jemgyýetçilik aragatnaşyklaryny işjeňleşdirýär.

Görşümiz ýaly, sport diňe bir beden üçin däl, eýsem-de bolsa akyl taýdan ösüşe, ruhy taýdan deňagramlylyga, jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň güýçlenmegine ýardam berýän, durmuşda üstünliklere alyp barýan ajaýyp ýol bolup durýar.

*Näzik Bazargulyýewa,*
**Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň sport žurnalistikasy hünäriniň 4-nji ýyl talyby.**

## *Ýaş türgenler hakynda kelam agyz*

Sport ynsan saglygyny berkidýän, güýç-kuwwatyny artdyrýan, ruhuny terbiýeleýän iňňän möhüm serişde bolup durýar. Ýaş türgen bolsa bu ýolda özüniň ilkinji ädimini ädýän, öz ukybyny ösdürýän hem-de ýokary sepgitlere ýetmäge çalyşýan adamdyr.

Häzirki zaman türkmen jemgyyetinde ýaşlaryň sport bilen meşgullanmagyna ayratyn üns berilýär. Sebäbi ýaş türgenler diňe bir beden taýdan kämilleşmän, eýsem-de bolsa, watançylyk, tertip-düzgün, zähmetsöýerlik we maksada okgunlylyk ýaly hasiýetleri hem özlerinde terbiýeleýärler. Her bir türgeniň ýolunda kynçylyklar bolýar. Ýöne sabyrlylyk, yhlas we talimçiniň maslahaty bilen ýaş türgenler şeýle kynçylyklary ýeňip geçmegiň hötdesinden gelýärler. Sportun dürli görnüşlerinde – ýenil atletika, göreş, futbol, tennis, suwda ýüzmek, agyr atletika we beýleki görnüşlerde ýaş türgenler ýurdumyzyň sport abraýyny halkara derejesinde beýgeltmek üçin gijesini gündiz edip türgenleşýärler.

Türkmen halkynyň “Yhlasa-myrat” diýen sözi bar. Hakykatdan-da, türgeniň üstünliklerinin açary onuň yhlasynda hem-de ýadawsyz türgenleşiklerindedir. Yhlas bilen geçilýän türgenleşikler özüniň garaşylýan miwesini hem berýär. Häzirki döwürde türkmen türgenleriniň dünýä derejesindäki ýaryşlarda gazanýan ajaýyp üstünlikleriniň yzy üzülmeýär. Şonuň bilen birlikde hem türgenlerimize has belent sepgitler garaşýar. Şu gün özleriniň sportda ilkinji ädimlerini ädýän türgenlerimiz geljekki çempionlardyr. Çünki olar sporta yhlas edýärler, olaryň yhlasynyň myrat tapjagyna bolsa hiç hili şek-şübhe bolup bilmez.

Ýaş türgen – sagdyn bedenli, belent ruhly, maksada okgunly nesildir. Olar dine sportda üstünlik gazanman, eýsem jemgyýetimiziň sagdyn, işjen we döredijilikli agzalary hökmünde ýurdumyzy öne alyp barýan güýç bolup çykyş edýärler.

*Arazsoltan Mämmedowa,*
**Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň sport žurnalistikasy hünäriniň 4-nji ýyl talyby.**



# Dünýäniň atçylyk medeniýeti

Atçylyk sporty adamzat taryhynda iň gadymy we iň hormatlanýan sport görnüşleriniň biridir. Bedew atlar asyrlaryň dowamynda adamyň iň ýakyn ýoldaşy, kömekçisi we buýsanjy bolup gelipdir. Häzirki zaman dünýäsinde atçylyk sporty diňe bir fiziki bäsleşik däl, eýsem uly ykdysadyýeti, medeni mirasy we döwrebap tehnologiýalary özünde jemleýän ägirt uly pudakdyr. Dünýäniň dürli künjeklerinde atçylyk sportuna bolan gyzyklanma dürliçe bolsa-da, käbir ýurtlar bu ugurda özleriniň baý däp-dessurlary we ýokary derejeli sport üstünlikleri bilen aýratyn tapawutlanýarlar. Bu ýurtlarda atçylyk sporty diňe bir güýmenje däl, eýsem milli medeniýetiň aýrylmaz bölegi hökmünde garalýar.

Atçylyk sporty barada söz açylanda, ilki bilen Germaniýa Federatiw Respublikasyny agzaman geçmek mümkin däl. Germaniýa dünýäde atçylyk sportunyň, aýratyn-da at üstünde böküş (konkur) we atyň kämil hereketleri (dressage) boýunça iň öňdebaryjy ýurt hasaplanýar. Bu ýurtda atçylyk sporty örän ulgamly ösdürilýär we döwlet tarapyndan uly goldaw tapýar. Nemes atşynaslary we seýisleri dünýäde iň gowy sport atlaryny ýetişdirmekde uly tejribä eýedirler. Germaniýanyň dürli şäherlerinde geçirilýän halkara ýaryşlary dünýäniň iň güýçli çapyksuwarlaryny we atçylyk muşdaklaryny bir ýere jemleýär. Atçylyk Germaniýada diňe bir sport däl, eýsem uly bir bilim we ylym pudagydyr, sebäbi bu ýerde atlaryň genetikasyny, iýmitlenişini we türgenleşdirilişini öwrenýän ýöriteleşdirilen institutlar we akademiýalar işleýär.

Fransiýa hem atçylyk medeniýeti örän baý bolan ýurtlaryň biridir. Fransuzlar atçylygy sungat derejesine çykaran halkdyr. Bu ýurtda atçylyk sporty medeni mirasyň aýrylmaz bölegi hökmünde goralýar. Fransiýanyň atçylyk mekdepleri, aýratyn-da meşhur «Cadre Noir» mekdebi, atyň we adamyň sazlaşykly hereketleriniň iň ýokary nusgasyny görkezýär. Şeýle hem, Fransiýa at çapyşyklary (horse racing) boýunça dünýäde öňdebaryjy orunlary eýeleýär. Parižde geçirilýän «Prix de l'Arc de Triomphe» ýaly ýaryşlar dünýäniň iň abraýly we iň gymmat baýrakly çapyşyklarynyň biridir. Fransiýada atçylyk sporty oba hojalygy we syýahatçylyk bilen hem ysnyşykly baglanyşyklydyr, bu bolsa ýurduň ykdysadyýetine uly goşant goşýar.

Amerikanyň Birleşen Ştatlary atçylyk sportunyň gerimi we ykdysady ähmiýeti boýunça dünýäde birinji orunda durýar. ABŞ-da 10 milliondan gowrak at bar we bu pudak ýurduň ykdysadyýetine her ýyl milliardlarça dollar girdeji getirýär. Amerikanyň Birleşen Ştatlarynda atçylyk sportunyň dürli görnüşleri, şol sanda «Western» stili, at çapyşyklary we konkur örän meşhurdyr. Kentukki Derbi (Kentucky Derby) ýaly ýaryşlar tutuş ýurduň ünsüni özüne çekýän milli waka öwrülýär. Amerikanyň Birleşen Ştatlarynyň atçylyk medeniýeti özüniň köpdürlüligi bilen tapawutlanýar, sebäbi bu ýerde hem gadymy kowboý däpleri, hem-de häzirki zaman olimpiýa sport görnüşleri deň derejede ösdürilýär.

Atçylyk sportunyň iň gadymy we iň mukaddes merkezleriniň biri hem Türkmenistandyr. Türkmen halky üçin at diňe bir haýwan däl, eýsem «ganaty», «dosty» we «maşgala agzasy» hasaplanýar. Dünýä meşhur Ahalteke bedewleri türkmen seýisleriniň müňýyllyklaryň dowamynda çeken zähmetiniň miwesidir. Türkmenistanda atçylyk sporty döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biridir. Ýurtda gurlan döwrebap atçylyk toplumlary, halkara derejesindäki ýaryşlar we her ýyl bellenilýän Türkmen bedewiniň baýramy bu sporta bolan çuňňur hormatyň nyşanydyr. Türkmenistanda at üstündäki milli oýunlar, çapyşyklar we konkur sporty ýokary derejede ösdürilýär. Ahalteke bedewleriniň gözelligi we ýyndamlygy dünýäniň atçylyk jemgyýetçiligini haýran galdyrmagyny dowam edýär.

Bulardan başga-da, Beýik Britaniýa, Irlandiýa, Awstraliýa we Birleşen Arap Emirlikleri ýaly ýurtlar hem atçylyk sporty boýunça dünýäde uly abraýa eýedirler. Beýik Britaniýada atçylyk sporty korollyk maşgalasynyň goldawy we asyrlar aşan däpleri bilen tanalýar. Irlandiýa bolsa dünýäniň iň gowy ýyndam atlaryny ýetişdirýän mekany hasaplanýar. Birleşen Arap Emirlikleri bolsa häzirki zaman atçylyk sportuna, aýratyn-da uzak aralyga atly ýörişlere (endurance) we iň gymmat baýrakly at çapyşyklaryna uly maýa goýumlaryny goýýan ýurtdur.

***Talyp sporty***

*HEKAÝA*

## *Mensiz geçen gol*



Geçen asyryň 90-njy ýyllary. Paýtagtymyzyň «Köpetdagy» Aziýa çempionlarynyň kubogyny almak ugrunda duşuşygyny geçirýärdi. Duşuşygy meşhur teswirleýji Amanmuhammet Çaryýew bilen iki bolup alyp barýardyk. Ýöne näme, o döwürler häzirki ýaly dünýäň aňrybaş enjamlary bilen üpjün telewideniýe barmy? Iki adam bol, bir özüň bol, ýekeje mikrofon goýlaýýardy, onsoň bizem gezekleşip gürleýärdik, sebäbi ikiň bilelikde gürleseň biriň sesi gaty, beýlekiňki ýuwaş çykyp, ony sazlamak kyn bolýardy.

Ilki Amanmuhammet halypa alyp bardy. «Köpetdag» gaty köp hüjüm edýärdi, ýöne halys topy derwezä geçirip bilmeýärdi. Amanmuhammet agada gol geçirilse begenjek, joşup gürlejek, halys maňa gezek beresi gelenok, ýöne nätjek gol geçenok, ahyrsoňy maňa mikrofony geçirmeli boldy. Ol:

— Şeýle güýçli hüjüm edýändigine garamazdan, gynansak-da futbolçylarymyza hasaby açmak başardanok. Men oýun barada gürrüňi dowam etdirmek üçin mikrofony kärdeşim Gurbangeldi Mämmetsähedowa geçirýän. Belkem-de, onuň gürrüňi ildeşlerimiz üçin şowly bolar — diýen sözler bilen maňa gezek berdi.

Alyp barmaga başlan dessime, «Köpetdag» hüjüme geçip pökgini derwezä geçirdi oturyberdi. Amanmuhammet halypaň ýerine men joşup, öz futbolçylarymyza bolan guwanjymyzy beýan etdim. Bäş-on minut geçensoň bolsa Amanmuhammet Çaryýewe gezek berdim. Ol:

— Ine hormatly ildeşler, Gurbangeldiniň alyp baran wagty ildeşlerimiz üçin şowly boldy. Belkem-de, ildeşlerimiz hasaby artdyrarlar — diýip, söze başlady hem-de joşgun bilen duşuşyk hakda teswirlemäni dowam etdi. Onuň futbolçylarymyzyň gol geçirenini isleýändigi hem-de olaryň waspyny ýetirmäge häzir bolup durandygy gürleýşindenem görnüp durdy, ýöne maňa görä köpräk alyp barandygyna garamazdan «Köpetdag» pökgini derwezä geçirip bilmedi. Ol şeýle sözler bilen maňa gezek berdi:

— Hawa, hormatly futbol söýüjiler, geçen gezek kärdeşim Gurbangeldä gezek beren dessime ildeşlerimiz hasaby açypdy. Men ýene-de mikrofony oňa geçirýärin, belkem, bu gezegem ildeşlerimiz hasaby artdyrar.

Men gürläp başladym. Geçen bolsa bir-iki minut geçendir. Futbolçylarymyz hüjüme geçip, hasaby 2:0-a ýetirdiler. Amanmuhammet halypa haýran galyp, başyny ýaýkaýardy. Bu gezek hem futbolçylarymyzy wasp etmek meniň paýyma düşdi. Ýene bäş-on minutdan gezegi halypama geçirdim.

Amanmuhammet bu gezek hem sözi «kärdeşiniň alyp baran wagtynyň ildeşlerimiz üçin şowly bolandygyndan, ol gepläp başlan dessine hasabyň 2:0-a ýetenliginden» başlady. Soňra hem joşup, oýnuň gidişini teswirledi. Ol, dogrudanam, öz alyp barýan wagtynda futbolçylarymyzyň gol geçirmegini ýürekden isleýärdi, şeýle bir göçgünli gürleýärdi welin, häzir özi ylgap meýdança çykar diýdirýärdi. Ýöne bu gezegem oňky bolmady. Ol ep-esli gürlänsoň maňa gezek berdi, özem mikrofony maňa geçirmänkä, öňki iki gezekde, men geplemäge başlan dessime ildeşlerimiziň pökgini derwezä geçirendiklerini aýratyn nygtady.

Size ýalan, maňa çyn, bu gezek hem men gürläp başlan badyma «Köpetdag» üçünji gezek pökgini derwezä geçirdi. Hasap 3:0 boldy. Ýene Amanmuhammet aganyň deregine buýsançly sözleri men aýtmaly boldum. Bäş-on minutdan edil ozalky ýaly mikrofony halypama geçirdim.

Eý görmüş, bu gezek oňa-da öz buýsançly sözlerini aýtmaga mümkinçilik boldy, «Köpetdag» dördünji gezek pökgini derwezeden geçirdi. Bu pursady beýan edende Amanmuhammet Çaryýewiň agzyndan şeýle sözlerem sypdy:

— Ahyrsoňy «Köpetdag» pökgini Gurbangeldisiz geçirmegi hem başardy!

Amanmuhammet halypamyz bu wakany soňsoňlaram ýatlardy.

***Gurbangeldi Mämmetsähedow,***
**Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň diller kafedrasynyň mugallymy.**


**REDAKTOR:**
***Baýlyýewa Gülnur***

**REDAKSIÝANYŇ GEŇEŞI:**
M. Joraýewa, S. Bäşimowa
M. Durdyýewa, A. Amanowa
G. Soltowow, A. Halmedow
J. Baltabaýew, L. Kürenowa
H. Muhyýewa, A. Mämmedowa

**Salgysy:** 744013. Aşgabat şäheri, Saparmyrat Türkmenbaşy şaýoly, 40-njy jaý.

Gazetiň asyl nusgasy Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynda taýýarlanyldy.

**E-mail:** *tdbsi@sanly.tm*

Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň elektron görnüşinde, aýda 1 gezek neşir edilýän gazeti

**Möçberi:** 8 sahypa


